THE ASHGABAT TIMES

# Türkmenistanyň Mejlisinde şu ýylyň dokuz aýynyň netijelerine bagyşlanan maslahat geçirildi

2024-nji ýylyň 5-nji oktýabrynda Türkmenistanyň Mejlisinde «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynyň dokuz aýynda ýurdumyzyň kanunçylygyny milli ýörelgelere we halkara hukugynyň kadalaryna laýyklykda kämilleşdirmekde alnyp barlan işleriň netijelerine bagyşlanan maslahat geçirildi. Maslahatda Hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň, Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe döwletimiziň we jemgyýetimiziň durmuşynyň ähli ugurlarynda amala aşyrylýan giň gerimli özgertmeleri kanunçylyk taýdan üpjün etmek barada öňde goýýan wezipelerinden ugur alnyp, degişli işleriň yzygiderli durmuşa geçirilýändigi bellenildi.

Şu ýylyň dokuz aýynda ýurdumyzyň durmuşynyň dürli ugurlaryna degişli jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän hem-de döwletimiziň daşary syýasat başlangyçlaryny hukuk taýdan goldamak bilen baglanyşykly kanunlaryň 23-si, şol sanda «Türkmenistanyň «Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllygyna» atly ýubileý medalyny döretmek hakynda», «Magtymguly Pyragynyň medeni mirasy hakynda», «Energiýany tygşytlamak we energiýadan netijeli peýdalanmak hakynda», «Gidrometeorologiýa işi hakynda» Türkmenistanyň Kanunlary, şeýle hem Mejlisiň kararlarynyň 18-si kabul edildi.

Maslahatda Mejlisde döredilen iş toparlarynda raýatlaryň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramak, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da ýokarlandyrmak, ykdysady we medeni-durmuş ugurlary, şol sanda daşky gurşawy goramak, ylym, bilim, saglygy goraýyş hem-de daşary syýasat işi babatynda hereket edýän birnäçe kanunlary döwrüň talabyna laýyklykda kämilleşdirmek boýunça alnyp barlan işler barada çykyşlar diňlenildi.

Şeýle hem maslahatda halkara guramalar bilen ýola goýlan netijeli gatnaşyklary ösdürmek we parlamentara hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak boýunça durmuşa geçirilýän çäreler barada durlup geçildi.

Maslahatda mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 33 ýyllygynyň öňüsyrasynda geçirilen Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisinde we Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň mejlislerinde kabul edilen il-ýurt bähbitli maksatnamalary ýerine ýetirmekde, şeýle hem olaryň taryhy, syýasy-jemgyýetçilik ähmiýetini, ýurdumyzyň halkara giňişliginde öňe sürýän başlangyçlaryny wagyz etmekde we halk köpçüligine düşündirmekde deputatlaryň öňünde durýan wezipeler ara alnyp maslahatlaşyldy.

Maslahata gatnaşyjylar Hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň, Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň eziz Diýarymyzda amala aşyrylýan giň gerimli maksatnamalaýyn özgertmeleri kanunçylyk taýdan üpjün etmek barada öňde

Все права защищены

goýýan wezipelerinden ugur alyp, ýurdumyzyň milli kanunçylygyny kämilleşdirmekde hem-de döwrebaplaşdyrmakda ähli tagallalary etjekdiklerine Hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzy, Gahryman Arkadagymyzy ynandyrdylar.

Все права защищены